# Böwürslenli meýdan 3 (Hekaýa-lar toplumy)

Category: Çagalar edebiýaty,Hekaýalar
написано kitapcy | 16 марта, 2025



***Jill BARKLEM***

***Syçanlar nesilden-nesle öz öýlerini çeşmäniň ýakasyndaky daşy çyrmaşyp gidýän gür agaçlar bilen jäheklenen meýdanda, böwürslen baglarynyň köklerinde gurupdyrlar. Böwürslenlikde ýaşaýan bu syçanlar örän zähmetsöýer. Olar howanyň gowy günleri tokaýdan we golaý-goltumdaky meýdanlardan ýygnan gülleridir miwelerinden, hozlaryndan süýjüje mürepbe gaýnadyp, çöplän kömelekleridir gök önümlerini bolsa ätiýaç üçin duza ýatyryp goýýarlar. Ähli taýýar önümler bolsa tőňňedäki ammarda saklanýar. Işleriniň köpdügine garamazdan, syçanlar göwün açmakdan ýüz öwürmeýärler. Ýylyň islendik möwsüminde-de, olara syçanlaryň biriniň doglan güni, köp garaşylan toý ýa-da baharyň gelmegi diýen ýaly şagalaň etmäge bahana tapylyp durýar. Aýdylyşy ýaly, syçan bar ýerinde toýam bar.***

**Gyş hekaýasy**
**Gar ba:ly**

Gyşam ýetip geldi. Ýaňy Gün batyp, howa juda sowap başlapdy. Basym garyň ýagjagyny öňünden habar berip, gündogardan içiňden geçip barýan ýel öwüsmäge durdy. Böwürslenli meýdandaky baglaryň düýbünde ýaşaýan syçanlaryň öýlerinde – hinlerinde-de

ot ýakylmaga başlanypdy. Şonuň ýalam agaç sütünlerindäki öýlerde-de ýanýan yşyklar diýseň köpelip başlady. Garyň ýagjagyny öňünden duýan syçanlar pejiň başynda agşamlyga nämedir bir gyzgynjak zat garbanmak üçin öýlerine howlugýardylar.

Jenap Äpliň beýlekilere garanda töňňedäki ammara gözegçilik edip, uzak wagtlap işiniň başynda durany üçin, öýüne dolanan çagy eýýäm gar tozgalap başlapdy. Ol gapyny açyp içeri girende, hanym Äpl oňa:

– Ahyry geldiňmi, gadyrdan?! – diýip ýüzlendi. Içerden işdäňi açýan ýakymly yslar gelýärdi. Hanym Äpl sowuk gyş günleri üçin çörejikler, süýjüje içlekliler taýýarlap, bütin gününi aşhanada geçiripdi. Ol kiçijik diwanjyklary pejiň ýanyna süýşürişdirip, tabada özleri üçin agşamlyk naharyny getirdi.

Şol wagt bolsa goňşy agaçdaky öýjagazdan goh-galmagal eşidilip başlady. Toadflakslar maşgalasynda çagalar henize çenli gar görmändiler. Kiçijik syçanjyklar Wilfred bilen Tilli uly sesi bilen:

– Ura, gar ýagýar! Hakykatdanam, daşarda gar ýagýar! – diýişdiler.

Olar penjiräniň öňünden alan garlaryny tokgalap, göçgünlilik bilen Düwmejik we Rozajyga zyňyp, aşhananyň içinde kowalaşýardylar.

Hanym Toadflaks itburundan edilen çorbaly tabaklary stoluň üstünde ýerbe-ýer edip goýup durşuna:

– Hemmeler nahar başyna! Agşamlyk edinmäge wagt boldy! – diýip, talabedijilikli äheňde gürledi.

Agşamlyk edinip bolanlaryndan soň, çagalary ýatmaga ugratdylar. Ýöne tolgunmakdan ýaňa çagalaryň gözlerine uky gelmeýärdi. Ululary aşak düşüp, öz işleri bilen gümradyklaryna göz ýetirenlerinden soň, olar derrew ýatalgadan

böküp düşdüler-de, penjiräniň öňüne üýşüren oturgyçlaryna çykyp, daşarda ýagýan gary synlamaga başladylar.

– Ertir typawaçda typarys – diýip, Wilfred öz hyýalyndakyny beýan etdi.

– Çaýyň ýany bilen gardan byzmygam ýasarys – diýip, Düwmejigem goşulyşdy. Rozajyk bolsa:

– Ýene-de gardan syçanjygam ýasarys – diýip, onuň üstüni ýetirdi.

– Men bolsa ony döwerin – diýip, Tilli gyzjagazy oturgyçdan itekläp goýberdi.

Ertesi irden böwürslenli meýdandaky ähli syçanlar oýanan badyna penjireleriniň ýarysyna çenli gar bilen örtülendigini gördüler.

Hanym Äpl daşaryk seretmek üçin aşhanadaky oturgyja çykmaly boldy. Onuň gözleriniň öňünde ajaýyp surat eserini ýatladýan täsin manzar bardy. Tutuş meýdan ak gardan galyň ýapynja bürenipdir welin, ähli ýodalardyr gyrymsy agaçlar onuň astynda gizlenipdi.

Haçan-da Toadflakslar maşgalasynyň ähli agzalary ertirlik edinmek üçin aşhana düşenlerinde, ol ýeri ümsüm hem garaňkydy. Hanym Toadflaks peji ýakmaga girişdi we bişiriljek çörejikleri taýajyga düzmek üçin Düwmejigi kömege çagyrdy.

Tizara tutuş maşgala jemlenişip, ullakan saçagyň başyna geçdiler. Ýaňyja gyzdyrylan çörejiklere ýag çalyp, ýany bilen böwürslen ýapraklaryndan taýýarlanan çaýy içip, şol günüň meýilnamasyny maslahat etdiler.

Gar çak edilişindenem köp ýagypdy. Aşaky gatlaryň penjirelerini tutuşlygyna gar basyp, hatda ýokarky gata çenli baryp ýetýärdi. Biziň kiçijik syçanjyklarymyz bolsa ýatylýan otagyň penjiresini açyp, goňşy öýlerde ýaşaýan dostlaryna gollaryny salgaýardylar. Şol barmana olaryň kakasy çagalara

garap şeýle diýdi:

– Görýän welin, gyş ba:ly üçin bu garlar ýeterlik bolsa gerek. Çagalar begenjinden ýaňa:

– Gyş ba:ly! – diýip gygyryşdylar.

Şeýlelikde, hemmeler işe girişdi. Şular ýaly ýagdaýlar üçin bolsa her bir syçan maşgalasynda pil-kepjeleriň bardygyny we agaçdan-agaja barýan ýoldaky gary köwüp arassalamak üçin girelgäniň gapdalyndaky ammarda karta hem ýüp saklanýandygyny bellemek gerek. Ertirlikden soň, hemmeler gar arassalamak üçin gerekli esbaplardan şaýyny tutup, töňňedäki ammara çenli barýan geçelgäniň ugrundaky öýleriň arasyny örän çaltlyk bilen arassalap boldular.

Ene-atasy Tilli bilen Wilfredi gar arassalamaga ugradypdy. Ilkibaşda olar yhlas bilen işe girişdiler, ýöne biraz salymdan gar oýnamaga gyzygyp, diňe ululara päsgel bermäge başladylar. Olar bolsa gahar edip, bu iki garagoly öýe ugratdylar.

Lord Wudmaus geçelgäni garryja hanym Aýbraýtyň öýüne çenli gazyp, oňa pejini ýakmaga kömek etdi. Hanym Aýbraýt oňa:

– Men ömrümde bular ýal gar görmändim. Soňky gezek gyş baýramçylygy jenap Aýbraýt ikimiziň toý tutan ýylymyz bellenipdi. Muny bolsa indi menden başga hiç kim bilmeýär – diýip gürrüň berdi.

Şondan soň geçelgäni arassalamak işi tamamlanyp, ähli syçanlar ba:ly guramagyň esasy işleri barada maslahatlaşmak üçin ammardaky zala ýygnanyşdylar.

Hanym Äpl hemmelere meşe agajynyň gozasyndan örän tagamly, ýakymly ysly kofe taýýarlady. Syçanlar söz sözlemekçi bolup duran jenap Äpliň daşyna tegelendiler. Ol:

– Dostlar, lord Wudmaus hem men şeýleräk bir netijä geldik. Bize öz ata-babalarymyzyň gadymy däplerini dowam etdirmegimiz gerek – diýip söze başlady. Soňra bolsa, bokurdagyny arçap,

murtuny towlap, sözüni dowam etdi. – Şonuň üçin hem men şu gün agşam, buzly köşkde boljak gyş baýramçylygyny açyk diýip yglan edýärin!

Düwmejik ýuwaşlyk bilen: «Ol nirede bolýarka?» diýip soranda, hemmeler jenap Äpli makullap çapak çalmaga başladylar.

Jenap Äpl oňa:

– Ilki bilen ony guramagymyz gerek. Häzir onuň bilen ulular meşgullanýar, sen bolsa aşhanada baýramçylyk taýýarlyklaryna kömek et. Edere iş kän – diýip jogap berdi.

Ammarly töňňäniň töweregine gar şeýlebir kän ýagypdyr welin, ol ýerde äpet gar üýşmegi emele gelipdir. Biraz maslahat edilenden soň, buzly köşgi şol ýerde gurmaly diýlen netijä gelindi. Garyň dykyzlygyny barlamak üçin ilkinji geçelgäni jenap Äpl ýasady.

– Gar örän ygtybarly – diýip, ol gar üýşmeginde garaşyp duran beýleki syçanlara habar berdi.

Şeýlelikde, hemmeler ellerine pil alyp, işe başladylar. Şadyýan syçanlar, ilki bilen, gar üýşmeginiň içindäki meýdany arassaladylar. Olar gary arabalara ýükläp, aşaklygyna çeşmä tarap daşadylar. Jenap Äpl Wilfred bilen Tilliniň Rozajygyň köýnegine buz şelpelerini salyp gaçyşlaryny gördi we ýene öýlerine ugradylýança olar höwes bilen kömek etdiler. Gar tümmegini örän seresaplyk bilen köwýärdiler. Jenap Äpl howpsuzdygyna göz ýetirmek üçin garyň depesini juda seresaplyk bilen barlady-da:

– Ählisi ygtybarly, edil meniň ammarly töňňäm ýaly. Indi gurluşyga başlasagam bolar – diýdi.

Şol wagt böwürslenli meýdandaky ähli aşhanalarda baýramçylyk tagamlary taýýarlanylýardy. Ol ýerde gyzgynjak çorbalar, şerbetler gaýnadylyp, howur peçlerde puddingler, içlekliler hem kökeler bişirilýärdi.

Klower bilen Katkin otda gyzdyrmak üçin almalary ýüpe düzüşdirip, hanym Äple kömekleşýärdiler. Oglanjyklar bolsa ähli taýýar tagamlardan dadyp görüp, gerk-gäbe doýdular welin, oturyp baýramçylyga taýýarlanyşygy synlap lezzet almakdan başga zat edip bilmediler. Hanym Äpl bolsa almaly sebedi olardan daşda goýmaly bolupdy. Ol: «Maňa galsa hiç zyýany ýokla welin, şerbet üçinem bir zat goýmaly-da, çagalar» diýdi.

Buzly köşgi aýdyňlandyrmak yşykly tomzajyklaryň üstüne ýüklenipdi. Gurluşyk işleri sagat dörtlere tamamlandy. Buzdan oýup ýasalan nagyşly sütünler mawy yşyga öwşün atýardy. Öý bikeleriniň dürli tagamlar bilen bezäp başlan toý saçagy diwaryň garşysynda gurnalypdy. Çagalar gatybir uly bolmadyk, beýigräk sekini baýramçylyk ýapraklarydyr gyzylja miweler bilen örän owadan edip bezediler. Şerbetli ýerzeminleriň sakçysy Baziliý bolsa onuň üstünde sazandalar üçin oturgyçlary ýerleşdirdi. Ähli taýýarlyk işleri tamamlanandan soň, syçanlar göwnühoş halda ýuwnup-ardynmak, toý eşiklerini geýinmek üçin öýlerine gaýtdylar.

Ynha, baýramçylyk hem ýetip geldi. Syçanlaryň hemmesi kaşaň geýnüwlidi. Doganjyklar Wilfred bilen Tilli baýramçylygy stoluň astynda synlamagy özlerine lezzet bildiler.

Baziliý skripkasyny çalyp başlandan, hemmeler tans oýnamaga girişdi.

Çalasyn hem joşgunly çalynýan saza tans edýän jübütler typançak meýdançada iki esse tiz pyrlanýardylar. Tilli bilen Wilfred uzak saklanyp bilmän, uýajyklary bilen tans edip, şüweleňe goşulmak üçin gaçybatalgasyndan çykdylar. Olar şeýlebir pyrlanýardylar welin, aýaklary ýere degenokdy.

Ýüzi esgi ýaly agaran Rozajyk bolsa: «Maňa bir zada bolýar. Gowusy, biraz oturyp dynç alaýyn» diýdi.

Edil şol wagt hanym Äpl ýerinden turup, iki tabany biri-birine urdy-da:

— Indi bolsa baýramçylyk saçagynyň başyna geçeliň! — diýip, saçak başyna geçmegi yglan etdi. Hemmeler tagamlardan dadyp görmäge başladylar.

Oturylyşyklar hem tanslar gijäniň bir wagtyna çenli dowam etdi.

Gijäniň ýary çagalaryny öýlerine getirip, düşege geçiren ene-atalar derrew ba:la dolanyp, şüweleňi dowam etdiler.

Örän çalasynlyk bilen oýnalýan tanslar daňdana çenli dowam etdi. Ýeňil hem okgunly tans etmek üçin Baziliý juda tagamly böwürslen şerbedini taýýarlapdy.

Sazandalar gitdigiçe tapdan düşüp, buz sütünler kem-kemden eremäge başlady. Ýadaw hem-de ýarym ukuly syçanlaryň tans edere mejaly galmady. Şonuň üçinem şüweleňi soňlamaly diýen netijä geldiler. Uludan dem alyp zordan öýlerine aşan syçanlar keýpihon halda ýyljajyk ýerlerine geçip uzandylar.

Penjiräniň aňyrsynda ýene gar ýagmaga başlady. Böwürslenli meýdanyň syçanlary bolsa süýji uka gidipdiler.

***Iňlis dilinden terjime eden Züleýha ALLABERDIÝEWA,***
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň 5-nji ýyl talyby***